# Russiýanyñ iñ täsin taryhy binalary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Russiýanyñ iñ täsin taryhy binalary

RUSSSIÝANYÑ IÑ TÄSIN TARYHY BINALARY

■ Sutýaginiñ öýi (Дом Сутягина — Деревянный небоскрёб, Соломбальский небоскрёб)

Köne worzakon Nikolaý Sutýagin "tagta neboskorýob" binany 15 ýylyñ dowamynda gurupdyr. Tagta binanyñ boýy 13 gatly binanyñ beýikliginde bolupdyr. Bina 2008-nji ýylda ýangyn howply diýip yglan edildi we 2009-njy ýylda sökülip aýryldy.

Seret: Wikimedia, http://upload.wikimedia.org/wikipedia/commons/e/e0 Sutyagin_house_4.JPG

■ "Komsomolskaýa" metro duralgasy

Moskwanyñ birnäçe ajaýyp metro duralgalarynyñ biri bolan "Komsomolskaýa"duralgasynyñ içki gurluşy barokko stilinde oñarylan dekorasiýa bolsa-da, daşky gurluşy 1940-njy ýyllaryñ stalinçi stilini ýatladýar. "Komsomolskaýa" duralgasy köp duralgalarda duş gelýän aerodinamikasy we drenažy gurulmadygam bolsa, fakelleri, lýustralary, ýarym aýlaw potoloklary we sekizburçly sütünleri bilen gidip göreniñr degýän ýerdir.

Seret: Urban Rail, http://www.urbanrail.net/eu/ru/mos/img/Line-5/M5-Komsomolskaya-09.jpg

■ Keramatly Wasiliý hramy (Храм Василия Блаженного)

1552-nji ýylda musulman tatarlara garşy alnyp barylan

basybalyjjylykly ýörişleriň şanyna Iwan Groznynyň görkezmesi bilen 1552-1561-nji ýyllarda Keramatly Wasiliý hramy guruldy. Rus binagäri Postnik Ýakowlew aýry-aýry dokuz kapelladan ybarat dürli-dürli reňk öwüsýän hramy bina edipdir. Hram çüri gümmezler asmana tarap uzap gidýän we dabaraly çärelerde atylýan feýerwerklere çalym edip duran şekilde gurlupdyr.

Seret: KickStatic, http://media.kickstatic.com/kickapps/images/21864/photos/

■ Gyş köşgi (Зимний дворец)

Gyş köşgi 1732-nji ýyldan 1917-nji ýyla çenli rus patyşalarynyň hökümet binasy bolup hyzmat etdu. Bina Pýotr I-niň görkezmesi bilen 1703-nji ýylda Sankt-Peterburgyň Newa derýasynyň boýunda guruldy. Gyş köşgi ilkibaşda bary-ýogy iki gatdan ybarat kiçijik binady. Wagtyň geçmegi bilen bina häzirki durkuna geldi. Daşky gurluşy barokko stilinde gurlan Gyş köşgüniň 1500 kabulhanasy, ýatakhanasy, ofisleri we galareýalary bar.

■ Ýekaterina köşgi (Екатери́нинский дворе́ц)

Sankt-Peterburgyň golaýyndaky "Sarskoýe selo" posýologynda ýerleşen Ýekaterina köşgi rys patyşalarynyň tomusky bolýan ýeridi. Rokoko stilinde dekorasiýalaşdyrylyp 1717-nji ýylda işe başlan köşk dünýäniň sekizinji täsinligi hasaplanylýar.
Bu ajaýyp binanyň tans zaly, reňklenen potoloklary, heýkelleri, köpsanly ýatakhanalary, zaly has ýagty we uly görüner ýaly ýüz görülýän edilen aýnaly penjireleri, diwara oýulyp lak bilen çekilen dürli suratlary we mebelleri bar.

Taýýarlan: Suraý ATAÝEWA.

Geň-taňsy wakalar